Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna
### на 1 января 2024 года

Aşgabat 2024

# Mazmuny / Содержание

## SELJERIŞ MAKALALARY

DÖWRÜŇ TALABYNA EÝERIP
3

BAKY BAGTYÝARLYGYŇ ŞUGLASY
5

SANLY BANK ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY
7

NAGT DÄL HASAPLAŞYKLARYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI
9

ÝEŇILLIKLI KARZLAR - YKDYSADY ÖSÜŞIŇ OŇYN NETIJESI
11

SANLY KART HYZMATY - MÜMKINÇILIKLERIŇ TÄZE SAHYPASY
12

DÜNÝÄ TEJRIBESINDEN UGUR ALYNÝAN BANK IŞJEŇLIGI
14

BANK HYZMATLARY: DÖWREBAP USULLAR WE GIŇ MÜMKINÇILIKLER
16

SANLY YKDYSADYÝET - ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY
18

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
19

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
21

# DÖWRÜŇ TALABYNA EÝERIP

Türkmenistan döwletimiz özüniň Garaşsyzlygyny alan ilkinji gününden başlap açyk we deňhukukly gatnaşyklara ygrarly, parahatçylyk söýüji ýurt hökmünde dünýä döwletleriniň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Ýurdumyzyň döwlet gurluşynyň tejribesine, onuň içeri we daşary syýasatyna, halkymyzyň gahrymançylykly taryhyna, medeniýetine, däp-dessurlaryna dünýäniň syýasy guramalarynyň, işewür toparlarynyň wekilleri uly baha berýärler. Türkmenistan döwletimiz ýaşamak, zähmet çekmek, şeýle hem maýa goýmak üçin dünýäniň amatly döwletleriniň biri hasaplanylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň döwlet gurmakda toplan özboluşly milli tejribesine, durmuş-ykdysady ösüşde gazanýan üstünliklerine dünýä bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma bildirilýändigine biz buýsanmaga haklydyrys.

Ykdysadyýet ulgamyndaky döwlet syýasaty, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan amala aşyrylýan düýpli özgertmelere beslenip, üstünlikli durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli baştutanlygynda gysga wagtyň içinde syýasy taýdan durnukly döwlet hökmünde ýurdumyzyň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga hem-de parahatçylyga we ynsanperwerlige eýerýän ygtybarly, amatly hyzmatdaş döwlet bolup öňe çykmaga uly mümkinçilikler döredi.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenilen wezipeler milli ykdysadyýetimizde sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetmek, elektron senagatyny döretmek, adamlaryň aň-bilim maýasyna, işewürlige we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek sanly özgertmeleriň dünýä derejesinde ýokary tizlik bilen ýaýraýan döwründe gaýragoýulmasyz wezipeler bolup durýar.

Taryh üçin şeýle gysga döwrüň içinde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Garaşsyz döwletimiziň halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna laýyk gelýän kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň döredilendigini, jemgyýetiň demokratik ýol bilen ösýändigini, bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçilýändigini, şeýle hem örän möhüm, strategik döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilýändigini belläp geçmek gerek.

Döwletimiziň baş ykdysady ýörelgesi ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, maýa goýmagyň depginini güýçlendirmäge, ähli pudaklary we ýurdumyzyň sebitlerini sazlaşykly ösdürmäge, pul-karz, salgyt-býujet, nyrh syýasatyna täze usullary ornaşdyrmaga, bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge, kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaga gönükdirildi. Bu geçirilýän işler özüniň oňyn netijesini berýär. Häzirki döwürde Bütindünýä banky ýurdumyzyň ilatynyň jan başyna düşýän girdejileriniň derejesi boýunça ortadan ýokary girdejili ýurtlaryň toparyna goşdy.

Ýurt Baştutanymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda durmuş ulgamyny nazarlaýan ykdysady syýasatyň alnyp barylmagy döwlet derejesinde milli maksatnamalaryň we iri maýa goýum taslamalaryň birnäçesiniň kabul edilmegini şertlendirdi. Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan maýa goýum taslamalary boýunça döwletiň maliýe wekili hökmünde eýeçiligiň görnüşine garamazdan, kärhanalaryň we hususy telekeçileriň önümçiligini ösdürmek, döwrebaplaşdyrmak, täze iş ýerlerini döretmek bilen bagly taslamalaryna ýeňillikli karzlary berýär. Şeýle-de bank tarapyndan amala aşyrylýan amallar ykdysadyýetiň önümçilik pudagyna içerki we daşarky maýa

goýumlaryny çekmäge ýardam berýär. Häzirki döwürde ýurduň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün edýän ugur hökmünde eksporta gönükdirilen we importy ornuny tutýan önümçiligi ösdürmäge ýardam bermek bilen, Türkmenitanyň Döwlet ösüş banky ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýetine mundan beýläk-de goşulyşmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň derejesini azaltmaga, maýa goýumlaryň ilkinji nobatda, milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ulgamlaryna gönükdirilmegine ýardam berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan il-ýurt bähbitli özgertmeler, ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Bedew bady bilen ösüşlerden-ösüşlere barýan eziz Diýarymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagy ugrunda tutumly işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Ogulgerek NEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň
Işgärler syýasaty boýunça baş hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BAKY BAGTYÝARLYGYŇ ŞUGLASY

Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr, Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleri bu günki gün döwlet syýasatyna öwrülip, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýy barha arşa galýar. Ýurdumyzyň ähli pudaklarynda uly ösüşler, beýik ýeňişler gazanylýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barha rowaçlanýar. Taryhyň islendik döwrüni alanyňda-da, halkymyzyň hoşniýetli ýörelgelere eýerendigine şaýat bolýarsyň. Bu ýörelgeler, däp-dessurlar bolsa baky Bitaraplygymyzyň düýp özenini düzmek bilen, daşary syýasatymyzda öz beýanyny tapýar.

Bitaraplyk – parahatçylyga, dost-doganlyga, hoşniýetli gatnaşyklara, birek-birege hormat goýmaga, howpsuzlyga, durnukly ösüşe we özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna uzaýan nurana ýoldur. Biziň döwletimiz parahatçylygy we ylalaşygy kemala getirmegiň bähbidine daşary ýurtlaryň, halkara guramalarynyň tagallalaryny birleşdirýär.

Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistan – BMG ählumumy ösüşe we abadançylyga esaslanýan hyzmatdaşlygynda uly üstünlikler gazanylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň her bir güni ýatdan çykmajak taryhy wakalara, şanly senelere beslenýär. Munuň şeýledigine taryha altyn harplar bilen ýazylan «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýyly aýdyň şaýatlyk edýär. Geçen «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýaşlaryň durmuşynda ýatdan çykmajak buýsançly wakalar bolup geçdi.

Bu ýylda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütündünýä ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edildi. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütündünýä ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzasy diýlip ykrar edilmegi ýurdumyzyň halkara ýaşlar dialogyny pugtalandyrmak, şeýle hem ýaş nesliň ruhy-ahlak, medeni we beden taýdan sazlaşykly ösmegini üpjün etmek işindäki hyzmatlarynyň nobatdaky subutnamasy boldy. Bagtyýar ýaşlaryň durmuşynda bolup geçen möhüm wakalaryň ýene biri hem 2023-nji ýylyň 16 – 18-nji noýabry aralygynda Mary welaýatynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ýaşlarynyň «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» atly forumynyň ýokary derejede geçirilmegidir. Möhüm ähmiýetli bu foruma ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda zähmet çekýän hünärmenler, talyp ýaşlar we meýletinçi ýaşlar, şeýle hem HHG-iň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň ýaş wekilleri gatnaşdylar.

Bu forumda halklaryň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy, özara gatnaşyklary ösdürmäge, Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmekde ýaşlaryň tutýan orny, parahatçylygy, dostlugy, birek-birege hormat goýmagy, ynsanperwerligi pugtalandyrmaga, howanyň üýtgemegi, daşky gurşawyň durnuklylygy, bilim, ylym, innowasiýalar, medeniýet we sungat ýaly, ulgamlarda döwletara hyzmatdaşlygy berkitmek ugrundaky meselelere seredildi. Mundan başga-da ýene bir buýsançly wakalaryň biri hormatly Prezidentimiziň Karary bilen «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygyny 2023-2030-njy ýyllar üçin Strategiýasy» tassyklanyldy.

Ýaşlaryň durmuşynda uly özgerişliklere eýe bolan ähmiýetli wakalaryň ýene biri-de geçen ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna bagyşlanan halkara ylmy-amaly maslahatynyň hem-de serginiň üstünlikli geçirilmegi, halkara ylmy-amaly maslahatynyň öz işini bölümçeleriň 10-synda dowam etmegi we abraýly halkara

guramalaryň we ylmy institutlaryň hünärmenleri tarapyndan halkara şahadatnamalaryň we güwänamalaryň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy ýaşlaryň göwün guşuny has-da ganatlandyrdy.

Şeýle taryhy wakalaryň toý-baýramlara beslenýän günlerinde hormatly Prezidentimiziň ilkinji kitabynyň «Ýaşlar - Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitabyň elimize gowuşmagy hem ýaşlaryň ykbalyna ýatdan çykmajak ýakymly pursatlary bagyş eýledi. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň aýdyň beýanyny özünde jemleýän bu kitabyň her bir jümlesi biz ýaşlaryň işlerinde gymmatly gollanmadyr, ýol-ýörelgedir. Bu ajaýyp kitap üçin ýaşlary ýaşaýşyň baýdagyna deňeýän, ýurdumyzy bedew bady bilen röwşen geljege alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz egsilmezdir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen 2024-nji ýyly «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylmagynda uly many bardyr. Beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly sarpa goýýan halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe söz ussadynyň sarpasyny has-da belentde tutýar. Halkyň ýüregine özüniň ajaýyp paýhasa öwrülen setirleri bilen ýol salmagy başaran ussat şahyryň gymmatly pikirleri islendik döwürde hem hümmeti egsilmejek hazynadyr. Türkmeniň ruhy dünýäsiniň gözellikleriniň jemlenmesi bolan baý edebi mirasymyzy, geçmişde ýaşan şahsyýetlerimiziň döredijiligini ylmy taýdan öwrenmäge, häzirki ajaýyp döwrümizde çynlakaý girişildi. Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz beýik şahsyýetlerimiziň, akyldar şahyrlarymyzyň edebi mirasyny düýpli hem ylmy çuňlugynda öwrenmek üçin ähli mümkinçilikleri döredýär. Halkyň kalbynda ebedilik orun alan Magtymguly Pyragy hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy bilen bu gün özüniň mynasyp ornuna eýe boldy. Beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara derejesinde mynasyp bellemek maksady bilen gol çeken Karary hem hormatly Prezidentimiziň nusgawy edebiýatymyzyň ägirt sütüni, beýik söz ussady Magtymgula goýýan beýik sarpasydyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Biz ýaşlarymyzy ýurdumyzyň geljegi hasaplaýarys, biziň ösüşlerimiz, ata Watanymyzyň berkararlygy, ýurdumyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy ýaşlarymyza baglydyr. Men türkmen ýaşlarynyň bu belent ynamy ödejekdiklerine berk ynanýaryn» diýip, nygtamagy islendik hünärde zähmet çekýän, bilim alýan ýaşlary geljekde has-da yhlasly, tutanýerli işlemäge ruhlandyrýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň medeniýetini, sungatyny öwrenmekde, ösdürmekde we ony dünýä ýaýmakda ençeme işler alnyp barylýar. Milli medeniýetimizi we sungatymyzyň gülläp ösmeginde milliligimizi dünýä ýaýmakda ýaş nesillere aýratyn orun degişlidir. Milli medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmekde, beýik şahsyýetlerimizi sarpalamakda uly mümkinçilikleri döredip berýän Milli Liderimize, Hormatly Prezidentimize egsilmez alkyş aýdýarys.

Goý, eziz Watanymyzy ösüşlerden-ösüşlere, täze-täze ýeňişlere, halkymyzy eşretli ertirine alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun! Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ogulmaral HEZRETOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň
Buhgalter hasaby we hasabatlar
bölüminiň baş hünärmeni

# SANLY BANK ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlarynyň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda uly üstünlikler gazanylýar, guwandyryjy we buýsandyryjy sepgitlere ýetilýär. Döwrebap tehnologiýalara esaslanyp, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ulag, logistika, ykdysadyýet, maliýe, bank we söwda toplumynyň kämilleşdirilmegi ýurtda elektron söwda hyzmatlarynyň artmagyna uly itergi berýär. Ýurduň döwrebap sanly üpjünçilik ulgamyny - sanly ykdysadyýete geçmegiň öňde goýlan wezipelerini amala aşyrmak üçin uly mümkinçilikleri berýär. Döwrebap sanly üpjünçilik ulgamynyň döredilmegi çylşyrymly meseleleriň we çözgütleriň amala aşyrylmagyny özünde jemleýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ösüşini tizleşdirmek we ilata edilýän hyzmatlary ýeňilleşdirmek maksady bilen, saglygy goraýyş, bilim, syýahatçylyk, söwda, jemagat, bank, ätiýaçlandyryş, ulag, aragatnaşyk, ilaty durmuş taýdan goramak hyzmatlary we beýleki ulgamlaryň hyzmatlary sanly ulgam arkaly ýerine ýetirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Döwrüň talabyna laýyklykda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili kämilleşdirilýär we görnüşleri artdyrylýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň sany yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. Ýurtda ornaşdyrylýan sanly bank hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegi milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň, depginli ösüşiniň üpjün edilmegi we dünýäniň ykdysady giňişligine has isjeň goşulyşmagy üçin möhümdir. Bu öz gezeginde maliýe, bank gatnaşyklary sanly tehnologiýalaryň üsti bilen amal etmekligi, hasaplaşyk resminamalarynyň görnüşlerini kämilleşdirmekligi, şeýle hem jemgyýetiň, hökümetiň we işewürligiň bir wagtda sanlylaşdyrylmagyny şertlendirýär.

Bank ulgamynda sanly maglumat tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak we beýleki ugurlar boýunça zerur bolan enjamlary, programma üpjünçiliklerini satyn almak we ulgama giňden ornaşdyrmak, şeýle hem dünýäniň ösen döwletleriniň iş tejribesinden peýdalanmak arkaly hünärmenleri taýýarlamak işleri hem dowam etdirilýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan ilata döwrebap derejede hyzmat etmek, sanly bank önümleriniň gerimini giňeltmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny çykarmak we oňa hyzmat etmek, şeýle hem ýurdumyzyň ähli söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallaryny, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar.

Raýatlarymyza uzak aralykdan bank kartlaryny açmak, täzeden çap etmek boýunça arzalaryny elektron usulda kabul etmek we bu boýunça tölegleri onlaýn görnüşde tölemek, bir kartdan beýleki bir karta pul geçirmek hyzmatlary ornaşdyryldy. Şeýle hem, karz almaga isleg bildirýän raýatlara arzalary elektron görnüşde menzilara kabul etmek we müşderä bu arzalaryň ýagdaýy

barada menzilara habar bermek hyzmatynyň kämilleşdirilen görnüşi, ýagny «onlaýn-kabulhana» döredildi. Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan welaýat merkezlerinde ýaşaýan raýatlaryň jemgyýetçilik awtobuslarynyň hyzmaty üçin hasaplaşyklaryny elektron ýol kartlarynyň, şeýle hem bankyň «Goýum bank karty», «Altyn asyr», «Maşgala» bank kartlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde tölemek hyzmaty ýola goýuldy.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, mobil töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy.

Bu işleriň ählisi pul-karz ulgamynyň işjeňligini ösdürmäge, pul dolanyşygynyň gerimini giňeltmäge, hyzmatlary kämilleşdirmek arkaly müşderileriň sanyny artdyrmaga, ilatyň isleg bildirýän bank önümlerini işläp taýýarlamaga we beýlekilere oňaýly täsirini ýetirýär. Döwletiň ýakyn we uzak gelejek üçin maksatlaryna hyzmat etjek durnukly we depginli ykdysady ösüş halkyň abadançylygynyň ýokarlanmagy üçin ygtybarly binýadyny döredýär. Bu bolsa Gahryman Arkadygymyzyň «Döwlet adam üçindir!» hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgeleriniň has-da dabaralanmagyna oňyn şertleri döretmek bilen, Watanymyzyň durmuş-ykdysady ösüşini täze belentliklere ýetirmekde uly ähmiýete eýedir. Şu pursatdan peýdalanyp ýürek joşgunym bolan «Sanly bank ulgamy» atly goşgy setirlerimi size ýetirmek isledim:

Sanly bank ulgamy özgerýär, ösýär,
Waspyny etmäne sözler ýetmeýär.
Bedew bady bilen ösüşe barýar,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Dürli hyzmatlary günsaýyn artýar,
Nagt däl hasaplaşyk gün-günden ösýär.
Onlaýn görnüşde bank hyzmat edýär,
Sanly bank ulgamyň ösen diýary.

Altyn asyr hem-de maşgala karty,
Halk üçin ýene bar «Owerdraft» karty.
Şatlyga-şat goşýan bagtynyň çarhy,
Sanly bank hyzmatyň eziz diýary.

Dükana barylsa elektron söwda,
Töleg programmadan elektron töle.
Daşa gidip durma, wagtyňy çäkle,
Sanly bank ulgamyň eziz diýary.

Prezidentimiz bilen bank öňe barýar,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.
Pul-karz ulgamy iňňän özgerýär,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

**Eziz ANNADURDYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Buhgalter hasaby we hasabatlar müdirliginiň baş hünärmeni

# NAGT DÄL HASAPLAŞYKLARYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi innowasion taýdan ösdürmek, işewür we maýa goýum işjeňliginiň ösüşini artdyrmak, ylmy pudaklarda iş üpjünçiligini ýokarlandyrmak bilen halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk hem gowulandyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda dowam edýän ykdysady bähbitli özgertmelere bank ulgamy hem öz üniň mynasyp goşandyny goşýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlara döwrebap bank önümlerini hödürlemek, olary amatly bank hyzmatlary arkaly bank işjeňligine çekmek we şonuň bilen nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek boýunça degişli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzy hemmetaraplaýyn sanlylaşdyrmak jemgyýetiň ähli ulgamyna, şol sanda bank ulgamyna nagt däl hasaplaşyklaryň ösmegine mümkinçilik berýän öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Bank ulgamynda ornaşdyrylýan innowasion tehnologiýalar häzirki zaman bankynyň keşbiniň emele gelmegine, hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmaga hem-de halkyň islegini kanagatlandyrmaga oňyn şert döredýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasynyň» çäklerinde ýurdumyzda karz edaralary tarapyndan sanly ykdysadyýeti tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi düýpli ösdürmek, ilata hödürlenýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar.

Bank işine sanly bank hyzmatlaryny ornaşdyrmagyň esasy maksatlary ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, kadaly pul dolanyşygyny üpjün etmek, hyzmatlary menzilara ýerine ýetirmek, müşderileriň sarp edýän wagtyny tygşytlamakdan ybaratdyr. Sanly bank önümlerine esasan ýurdumyzyň karz edaralarynda häzirki wagtda hereket edýän «Internet bank», «Mobile bank», «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal Pay» we «Talyp tölegi» ýaly hyzmatlar degişlidir. Sanly bank önümleriniň netijeli işlemegi üçin ýurdumyzda internet ulgamynyň ähmiýeti örän uludyr. Çünki internet ulgamyny peýdalanmak arkaly ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň esasy aýratynlygy bank işjeňligini ýokarlandyryp gündelik çykdajylaryň azaldylmagydyr. Biziň ýurdumyzda hem soňky ýyllarda bu agzalan sanly bank önümlerini karz edaralaryna ornaşdyrmakda hem-de müşderilere bu ugurlar boýunça hyzmat edilişini kämilleşdirmekde we hyzmatlaryň üsti bilen amal edilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini yzygiderli artdyrmak boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär.

2023-nji ýylyň 1-nji dekabry ýagdaýyna bank ulgamy boýunça «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 1 035 müňden geçdi, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany bolsa 68,6 müňe ýetdi. 2023-nji ýylyň 1-nji dekabry ýagdaýyna ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank-terminal» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 15,6 milliard manatdan geçdi, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 21,1 göterim ýokarlandy. Bu görkezijiler bolsa halkyň innowasion bank hyzmatlaryna bolan isleginiň barha artýandygyny görkezýär.

Bulardan başga-da ýurdumyzyň karz edaralarynyň hyzmatlar ulgamynda «Galtaşyksyz töleg» tehnologiýasyny yzygiderli ornaşdyrmak we bu tehnologiýany ulanmak arkaly

geçirilýän nagt däl töleg amallarynyň gerimini has-da giňeltmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda ýaňy ýakynda Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan ykjam telefonlar üçin «Sanly kart» programma üpjünçiligi işlenip taýýarlanyldy. Sanly kart bu adaty bank karty bilen deňeşdireninde maddy däl häsiýeti bilen tapawutlanýar. Sanly kart müşderiniň bank hasabyna birikdirilýär. «Sanly kart» programma üpjünçiligi «NFC» hem-de «QR-kod» tehnologiýalaryny ulanmak arkaly galtaşyksyz töleg amallaryny geçirmäge mümkinçilik berýär.

Galtaşyksyz töleg ulgamy degişli bank kartlarynyň ýa-da ykjam telefonlaryň tölegi kabul ediji enjamlaryň ýagny, töleg terminalynyň ýa-da «QR kod» okaýjynyň golaýyna tutulyp galtaşdyrylmazdan, bir basyş arkaly, PIN- kody girizmezden, haryt we hyzmatlar üçin ýerine ýetirilýän tölegiň görnüşi hasaplanylýar.

Häzirki wagtda amal edilýän galtaşyksyz tölegler «RFID» we «NFC» tehnologiýalary arkaly işleýär. RFID-iňlis dilindäki «Radio Frequency Identification» adalgasynyň gysga aýdylyşy bolup, enjamlaryň radio tolkunlaryň üsti bilen ýerine ýetirilmegine düşünilýär. RFID tehnologiýasynda okyjy we maglumat saklaýjy enjamlar ulanylýar.

NFC – iňlis dilindäki «Near field communication» adalgasynyň gysga aýdylyşy bolup, ýakyn aralykdaky galtaşyksyz aragatnaşyk diýlen manyny aňladýar. Bu tehnologiýa esasan ykjam telefonlarda ulanylýar. Galtaşyksyz tölegleri ýerine ýetirmek üçin galtaşyksyz işleýän ýörite töleg terminaly hem-de galtaşyksyz töleglere niýetlenen ýörite bank kartlary ýa-da NFC tehnologiýaly mobil programma üpjünçiligi bolan ykjam telefon zerur bolup durýar. Häzirki wagtda galtaşyksyz bank kartlary ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan dolanyşyga goýberilýär we bu ugurdaky amala aşyrylýan işler yzygiderli kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny kämilleşdirmekde ýene-de bir sanly bank önümleriniň biri hem «Talyp tölegi» bank hyzmatydyr. «Talyp tölegi» hyzmaty arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň umumy möçberi ýylsaýyn artýar. Şeýle görnüşli sanly bank hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Şu ýerine ýetirilýän beýik işlerden ugur alyp, karz edaralary tarapyndan ornaşdyrylýan döwrebap bank hyzmatlaryndan raýatlarymyzyň netijeli peýdalanjakdygyna uly ynam bildirýäris.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmegi ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç bolsun!

**Orazbibi ATABAÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow
adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

# ÝEŇILLIKLI KARZLAR - YKDYSADY ÖSÜŞIŇ OŇYN NETIJESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimizi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmek, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň tilsimatlaryny, usullaryny ornaşdyrmak hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlaryndan ugur alyp ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna erkin pul serişdelerini amatly şertlerde ýokary girdejiligi bolan ýyllyk 9 göterimli «Bagtyýar nesil», ýyllyk 11 göterimli «Bagtyýar lukman» möhletli goýumlary we ýyllyk 6 göterimli «Goýum bank karty» hyzmaty hödürlenilýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna berilýän karzlaryň möçberini artdyrmak, banklaryň maliýe hasabatlaryny halkara standartlaryna geçirmek, kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, bankara we halkara hasaplaşyk–töleg ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça maksada okgunly işleri alnyp barylýar. Bu günki günde sarp ediş maksatly karzlaryň, talyp karzlarynyň, kiçi göwrümli karzlaryň amatlyklaryndan peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Şeýle bank karzlarynyň ýene-de biri müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleriniň ýeterlik bolmadyk halatynda baglaşylan şertnama laýyklykda gysga möhletli «Owerdraft» karzy hasaplanylýar. Bu karzyň aýratyn tarapy raýatlara maliýe zerurçylygy ýüze çykan ýagdaýynda islendik söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallaryň üsti bilen nagt däl görnüşinde hasaplaşyp bilmekleri üçin ýola goýuldy. Karza laýyklykda karz alyjynyň aýlyk zähmet haky bank kartyna gelip gowşanda, karzyň esasy bergisi we oňa hasaplanan göterimi gaýtarmaklyk ýola goýuldy.

Milli bank ulgamynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň netijesinde karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady kämilleşdirilýär, banklara iň kämil tehnologiýalar ornaşdyrlyp, olaryň maddy-enjamlaýyn binýady düýpli täzelenýär. Milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda gurnalýar, hususan-da, müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrylyp, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlary yzygiderli bank işjeňligine girizmek, müşderiler bilen işlemegiň täze usullaryny ýola goýmak boýunça işler üstünlikli dowam etdirilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Kuwwat ATAMYRADOW,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet
täjirçilik bankynyň «Diýar» şahamçasynyň
Sanly bank tehnologiýalary we awtomatizasiýa bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# SANLY KART HYZMATY - MÜMKINÇILIKLERIŇ TÄZE SAHYPASY

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, öz işlerini döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda ýola goýmagy baş maksat edinýän ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan nagt däl hasaplaryň gerimini giňeltmek, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň sanyny artdyrtmak, raýatlarymyza amatly mümkinçilikleri döretmek boýunça netijeli işleri hem durmuşa geçirýärler. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýylyň noýabr aýynyň başynda geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimize habar berlişi ýaly, alnyp barylýan işlere netijeli goşant goşýan Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky ýurdumyzda hereket edýän karz edaralarynyň arasynda ilkinji bolup «NFC» we «QR-kod» tehnologiýasy arkaly işleýän «Sanly kart» ykjam programma üpjünçiliginiň işini ýola goýdy.

Bankyň ozal hem «Internet bank», «Talyp tölegi», «Halkbank terminal» ýaly hyzmatlary ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda ornaşdyrandygyny ýatlasak, nobatdaky ädimi sanly dünýädäki täze üstünlik hasaplap bileris.

«Sanly kart» — ýer ýüzünde giňden ulanylýan tejribeleriň biri. NFC adalgasy iňlis dilinde «Near Field Communication» diýlip atlandyrlyp, ýakyn aralykda maglumat alyş-çalşygy diýlen manyny berýär. Bu tehnologiýa NFC ülňülerine laýyk gelýän elektron enjamlaryň kömegi bilen ýakyn aralykda töleg amallaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Bu tehnologiýanyň taryhy 2002-nji ýyldan başlanýar. Şol ýyl Ýaponiýanyň «Sony» we «Philips» kompaniýalary bilelikde ýakyn aralykdan amallary ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän tehnologik gurluşyň ilkinji ädimlerini ätdiler. Bu tutum Halkara standartlary guramasy ISO/IEC tarapyndan 2003-nji ýylyň 8-nji dekabrynda makullanyldy. 2004-nji ýylda bolsa «Nokia», «Sony» we NXP kompaniýalary bileleşip, «NFC Forum» tehnologiýasyny köpçülige tanyşdyrdylar. NFC-niň işleýiş ulgamy IrDA, Bluetooth, Wi-Fi, ZigBee ýaly ýakyn aralykdan aragatnaşyk tehnogurluşlarynyňka çalymdaş edýär. NFC-den peýdalanmak üçin aralyk 4 santimetrden uzak bolmaly däl.

NFC ulgamy arkaly maglumat alyş-çalşygy üçin ulanyjydan hiç hili goşmaça töleg talap edilmeýär. Ol hususan-da, bank kartlary arkaly nagt däl görnüşinde dürli tölegleri geçirmek üçin amatlydyr. Onuň juda ynamdar tehnologik gurluşydygyny hem bellemek gerek. NFC ulgamy arkaly bank kartlarynyň maglumatlary ýüklenen ykjam telefonyň ýitirilmegi kartyň eýesi üçin howp döretmeýär. Başga bir ulanyjynyň başga bir adamyň bank kartyndan peýdalanyp bilmeýşi ýaly, hiç kim başga bir adamyň NFC ulgamyny öz haýryna dolandyryp bilmez. Ulgamyň howpsuzlygy babatynda ýene bir ýagdaýa ünsi çekmek gerek. Kiberhüjümler, esasan, uzak aralykdan biri-birine baglanylýan enjamlara edilýär. NFC ulgamyndan peýdalanmak üçin bolsa enjamlary has golaýlaşdyrmagyň gerekdigi üçin ol özüni kiberhüjümlerden goraýar.

Häzirki wagtda ykjam telefonlaryň ählisinde diýen ýaly NFC ulgamyny işledip bilmek mümkinçiligi bar. NFC ulgamy suratlary, maglumatlary paýlaşmak we dürli tölegleri geçirmek üçin ulanylýar. Bütin Ýer ýüzünde meşhurlygy barha artýan bu döwrebap mümkinçilik indi biziň ýurdumyzda hem elýeterli. Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň hödürleýän bu «Sanly kart» atly ykjam goşundysy www.halkbank.gov.tm resmi internet – sahypasynda elýeterlidir, şeýle-de «Google Play»-den ykjam telefonyna ýeňillik bilen ýükläp alyp bolýar. Ýüklenen goşundyda bank kart maglumatlaryňyzy girizeniňizden soňra ony dolandyrmak juda amatly.

Eger bank kartlaryň dolanşyga girizilmegi nagt puly göterip ýörmek zerurlygyny aradan aýyrýan

bolsa, «Sanly kart» hyzmatyň ulanyşa girizilmegi bank kartlaryny götermek zerurlygyny hem doly aradan aýyrýar. Şondan soň bankyň müşderisi ähli töleglerini galtaşyksyz görnüşde ykjam programma üpjünçiliginiň üsti bilen amala aşyryp bilýär.

Şeýlelik bilen, ildeşlerimiz öz ykjam telefonlarynda bar bolan «NFC» ýa-da «QR-kod» tehnologiýalarynyň islendiginden peýdalanyp, galtaşyksyz tölegleri tiz, aňsat we ygtybarly geçirip bilerler. «Sanly kart» ykjam programma üpjünçiligini ulanmak bank kartlaryny elmydama ýanyňyzda götermek zerurlygyny aradan aýyrýar we nagt däl hasaplaşyklaryňyzy ýeňilleşdirýär.

Öz işlerini döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda ýola goýmagy maksat edinýän Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky döwrebap mümkinçiliklerini artdyrmak üçin yzygiderli işleri alyp barýar. Çünki biziň bankymyz her bir işinde hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr, Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgesinden ugur alýar. Dünýä derejesinde işlemek üçin döredilýän giň şertlerdir mümkinçilikler üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygymyzy bildirýäris.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky mundan beýläk hem öz işlerini hormatly Prezidentimiziň bildirýän talaplaryndan ugur alyp dowam etdirer. Bize döwrebap iş, durmuş şertlerini döredip berýän, üstünlikli amala aşyrylýan maliýe özgertmeleriniň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

**Dawutgulybezirgen ANNABERDIÝEW,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Awtomatizasiýa we programma üpjünçiligi müdirliginiň
Sanly tehnologiýalar bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DÜNÝÄ TEJRIBESINDEN UGUR ALYNÝAN BANK IŞJEŇLIGI

Hormatly Prezidentimiz parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini düýpli özgertmek we döwrebaplaşdyrmak syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmekde beýleki ulgamlar bilen bir hatarda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bank ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär. Ulgama dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, bankларyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda hödürlenilýän bank amallarynyň sany yzygiderli artdyrylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hyzmatlar toplumy yzygiderli giňeldilýär. Banklar dürli – dürli görnüşli, täze bank önümlerini, hyzmatlaryny döretmek, ösdürmek we müşderilerine hödürlemek ugrunda köp sanly işleri alyp barýarlar. Bank ulgamynyň netijeli işlemegi we bäsdeşlik artykmaçlyklaryny gazanmagy üçin ylmyň, tehnologiýanyň iň täze gazananlaryny ulanmak arkaly innowasiýalary girizmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu öňde goýlan maksatlaryň oňyn netijeleri bank ulgamynyň yzygiderli sanlylaşdyrylmagy arkaly gazanylýar. Banklary sanlylaşdyrmak – häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmagyň esasynda, bank gurluşyny, önümleri we müşderiler bilen özara ygtybarly gatnaşyklary döwrebaplaşdyrmakdyr.

Häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda ykjam we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi bilen baglylykda, bank hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmek arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmeklik giňden ýörgünlidir. Menzilara bank hyzmatlarynyň esasan hem dört görnüşini bellemek bolýar, ýagny «Internet-banking», «PC banking», «Telephone banking» we «Video banking».

«PC banking» diýlende (PC banking) şahsy kompýuter enjamyny internet arkaly däl-de modem birleşmesiniň üsti bilen bank toruna birikdirip, müşderilere öz hasabyna gözegçilik etmek, nagt däl hasaplaşyklary geçirmeklige mümkinçilik berýär.

«Video banking» – bu bankyň wekili bilen müşderiniň wideo aragatnaşyk ulgamy arkaly interaktiw duşuşygyny aňladýar.

Menzilara hyzmatlarynyň köp ýurtlarda ulanylýan görnüşleriniň biri hem müşderilere telefon enjamy (telephone banking) arkaly hyzmat etmek bolup durýar.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda giňden ulanylýan menzilara bank hyzmatynyň ýene-de bir görnüşi «Internet-banking» hyzmaty bolup durýar. Bu bolsa internet ulgamy arkaly müşderileriň öz hasaplarynda günüň islendik wagtynda, hepdäniň islendik gününde banka barmazdan bank amallaryny geçirmekdir. Internet-banking hyzmatynyň birnäçe, ýagny wagty tygşytlamak, hasabyna özbaşdak gözegçilik etmek, tölegleri onlaýn usulda geçirmek ýaly aýratynlyklaryny bellemek bolar.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky öz işjeňligini bankyň likwidliligini sazlaşdyrmak, bankara hasaplaşyklary çaltlandyrmak, bank kartlary boýunça edilýän hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek ýaly esasy ugurlara gönükdirendir. Bank «Bankyň esasy gymmatlygy Müşderilerdir» diýen ýörelgäni öňe sürmek bilen sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlarynyň sanyny artdyrmak, nagt däl tölegleriň täsirli we netijeli ulgamyny döretmek, müşderilerine ýokary derejede hyzmat etmek maksady bilen dünýä tejribesinde giňden ulanylýan maliýe hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmek, QR-kodlary ulanmak, POS – terminallarynyň has kämil görnüşlerini ulanmak ýaly hyzmatlary giňden hödürlenilýär.

Bankyň müşderilerine menzilara bank hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen ýokary hilli in-

nowasiýaly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly bank işjeňligini, töleg – hasaplaşyk ulgamynyň hilini we tizligini ýokarlandyrmak, şeýle hem geçirilýän amallaryň goraglylygyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda bankyň müşderilerine töleg terminallarynyň iň döwrebap görnüşlerini gurnamaklyk işleri doly ýola goýuldy. POS-terminallaryny ulanmaklyk bilen kämilleşdirilen bank hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmäge, kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine hyzmat etmek bilen bagly harajatlary tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Beýleki karz edaralary bilen bilelikde «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky NFC we QR kod arkaly tölegleri geçirmek maksady bilen «Sanly kart» ykjam programma üpjünçiliginiň işleýşiniň hilini kämilleşdirmek hem-de bu hyzmaty raýatlaryň arasynda ýaýbaňlandyrmak boýunça degişli işleri alyp barýar.

Mundan başga-da bank tarapyndan müşderilerine öz öýünden ýa-da iş ýerinden çykman, özi üçin amatly bolan karzyň görnüşini bankyň www.halkbank.gov.tm resmi internet-sahypasyndan saýlap, karzlary almak üçin onlaýn-ýüzlenme hyzmaty döredilýär.

Bankyň kanunçylyk hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär, milli ykdysadyýeti maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda guralýar, hususan-da, müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrylyp, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlary yzygiderli bank işjeňligine girizmek, müşderiler bilen işlemegiň täze usullaryny ýola goýmak boýunça çäreler üstünlikli dowam etdirilýär. Müşderileriň karz edaralaryna bolan ynamyny ýokarlandyrmak üçin olaryň bähbitlerini goramagyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek yzygiderli dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutýan ugurlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi döwlet eýeçiligindäki hem-de döwlete dahylsyz bölekdäki guramalara, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirki zaman bank hyzmatlarynyň berilmegini üpjün edýär, bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, pul dolanşygyny tizleşdirmäge, netijeli pul – karz syýasatyny geçirmäge we milli pulуň satyn alyjylyk ukybyny berkitmäge ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ykdysady we durmuş taýdan barha kuwwatlanýan ýurdumyzda milli ykdysadyýetimize sanly tehnologiýalar giňden ornaşdyrylyp, halkymyzyň bank hyzmatlarynyň mümkinçiliklerinden döwrüň ösen talaplaryna laýyk peýdalanmaga giň mümkinçilik döredilýär. Bu ugurda amala aşyrylýan toplumlaýyn wezipeler milli töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramaga, sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmäge, pul-karz dolanşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini has doly kanagatlandyrmaga, ilatyň erkin pul serişdelerini bank ulgamyna möhletli we talap edilýänçä görnüşindäki goýumlara çekmäge, elektron resminama dolanşygyna geçmäge, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny kemala getirmäge mümkinçilik berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge şert döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk-de rowaç alsyn.

**Nurmyrat ORAZMYRADOW,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Daşoguz şahamçasynyň Buhgalterçilik hasaba
alnyş we hasabatlylyk bölüminiň başlygy - Baş buhgalter

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK HYZMATLARY: DÖWREBAP USULLAR WE GIŇ MÜMKINÇILIKLER

Berkarar ýurdumyzyň ähli ugurlarynda döwrebap ösüşler, üstünlikler gazanylýar. Bedew bady bilen ynamly öňe barýan ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm ugry bolan bank ulgamy hem döwletimizde alnyp barylýan oýlanyşykly pul-karz syýasatynyň çäklerinde ösüşiň täze tapgyrlaryna çykýar. Milli ykdysadyýetimizi uzak we ýakyn geljegi nazarlaýan maksatnamalara, badalga berlen özgertmelere laýyklykda ösdürmekde bank ulgamyna uly orun degişlidir. Bank tarapyndan menzilara bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmegiň usullaryny ösdürmek, kämilleşdirmek we olaryň täze, döwrebap görnüşlerini ulgama ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

Welaýatymyzyň karz edaralary tarapyndan ilata bank hyzmatlaryň ençeme görnüşleri hödürlenilýär. Şunuň bilen baglylykda, bank ulgamyny sanlylaşdyrmak, karz edaralary tarapyndan edilýän hyzmatlary döwrüň talaplaryna laýyklykda ýola goýmak boýunça işleri möhüm wezipeleriň hatarynda görkezmek bolar. Sanly ykdysadyýetiň gurallarynyň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy, elektron töleg ulgamynyň kämilleşdirilmegi netijesinde nagt däl hasaplaşyklaryň sany artdyrylýar. Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron-söwda», «Halkbank terminal» hyzmatlaryndan we internetiň giň mümkinçiliklerinden peýdalanmak arkaly jemgyýetçilik-durmuş, jemagat hyzmatlarynyň tölegleriniň amala aşyrylmagy ilat üçin köp ýeňillikleriň döremegini üpjün etdi.

Pul-karz syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, ilatyň barha ösýän talaplaryna laýyk gelýän bank gurallaryny döretmek hem-de kämilleşdirmek maksady bilen, ilatyň erkin pul serişdelerini ýurdumyzyň karz edaralaryna çekmek babatda giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny bellemek gerek. Muňa mysal hökmünde ýurdumyzyň karz edaralarynyň goýum syýasatyna laýyklykda, goýum hasaplarynyň möçberini artdyrmak, goýumlar boýunça tölenýän göterimleri maliýe bazarynda hereket edýän nyrhlara görä bellemek, goýum hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça geçirilýän işleri görkezmek bolar. Goýumçylaryň banklara ynamyny berkitmek, olaryň bähbidiniň goragly bolmagyny gazanmak we ilatyň serişdelerini çekmek üçin bank önümleriniň görnüşlerini giňeltmek banklaryň goýum syýasatynda ileri tutulýar. Häzirki wagtda talap edilýänçä, ýagny zähmet hakyny, pensiýa we kömek pullaryny geçirmek boýunça açylan bank kartyndaky goýumlar, möhletli goýumlar hem-de «Goýum bank karty» hereket edýär. Welaýatyň karz edaralary tarapyndan dürli görnüşli göterimleri we möhletleri bolan «Beýik galkynyş», «Rowaçlyk», «Halkyň saglygy — Watan baýlygy», «Altyn asyra daýhan gadamy», «Galkynan daýhan», «Hemaýat», «Çagalar — biziň geljegimiz», «Ene-atalar hakynda alada», «Garaşsyz Watanym, bagtyýar halkym», «Ruhubelent nesil» we beýleki goýumlar hödürlenilýär.

